# Demokratiýa täze howplar bilen ýüzbe-ýüz

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025

Demokratiýa täze howplar bilen ýüzbe-ýüz DEMOKRATIÝA TÄZE HOWPLAR BILEN ÝÜZBE-ÝÜZ




*Täze mediýa dünýäsinde merkezleşýän «Chat GPT» we onuň täze görnüşleriniň ýüze çykmagy bilen jemgyýetçilik manipulýatorlary gündelik iş ugurlaryny görlüp-eşdilmedik işjeňlikde we iň pes çykdajy bilen ýola goýup biler.*

2018-nji ýylda ABŞ-nyň Wirjiniýa uniwersitetiniň medeniýet taryhçysy mediýa boýunça professory Siwa Waidhýanatanyň «Antisosial mediýa: Facebook bizi nädip böldi we demokratiýanyň astyny köwdi?» («(Anti-Social Media: How Facebook Disconnects Us and Undermines Democracy») atly gymmatly kitaby çap edildi. Kitabyň adyndanam belli bolşy ýaly awtor «sosial tor» manysyny berýän «sosial mediýa» sözüni ulanýar. Awtor aýratynam bu sözi aragatnaşyk we sosial aragatnaşyklary güýçlendirme serişdesi hökmünde däl-de, «antisosial», ýagny, jemgyýete tersdigine ynanýandygy üçin saýlap alypdyr.

Waidhýanatan şeýle mediýanyň oýnaýan düşnüksiz rollaryny tankyt edýän iň sesi batly çykýan ýeke alym däl. Onuň uly «zyýanyny» kesgitlemäge synanyşýan müňlerçe tankytçydan ilkinjisi-de däl. Munuň bilen birlikde, çemeleşmäni şu torlaryň üstünde amala aşyran faktorlaryň demokratiýanyň

ýagdaýynyň, düşünjesiniň, täsirliliginiň ölçeginiň, dowamlylyk ukybynyň, gatnaşygynyň üstünde has köp durup geçýändigi berýändigi üçin mazaly ünsi çekdi.
Waidhýanatan kitabynda «Şeýle saýtlaryň, aýratynam Facebook hasaplarymyzyň aşa köp ulanylmagy syýasatyň we syýasatçylaryň at-abraýyny sarsdyrmaga goşant goşdy we demokratik däpleriň astyny köwdi» diýýär. Şeýle serişdeleri faşizmi möwjetmekde, jynsparazlygy serpikdirmekde, demokratiýany onlarça ýyllap gowy bilýän jemgyýetlerde sagçy partiýalaryň we hereketleriň yzly-yzyna üstünlik gazanmaga itergi bermekde aýyplady.




Soňabaka awtoryň öňe süren pikiriniň çynlakaýlygyny subut edýän köp sanly subutnama orta çykdy. Bularyň arasynda Ýewropadaky ekstremistik sagçy partiýalardan biriniň (Germaniýa üçin Alternatiw partiýa) aragatnaşyk işgäriniň beren görkezmesi-de bar.
Partiýanyň gazanan üstünliginiň, nemes syýasatynda möhüm orun eýelemeginiň we Bundestagdan (nemes parlamenti) paý alyp bilmeginiň sebäbiniň Feýzbukdygyny aýtdy.
Şunuň bilen baglanyşyklylykda giň gyraňly «populist» liderlerden hasaplaýan ABŞ-nyň prezidenti Donald Tramp Twitter sosial ulgamynyň prezident bolmagyna uly goşant goşandygyny

boýnuna alypdy. «Freedom House» («Azatlyk» öýi) 2019-njy ýylda çap eden maglumatnamasynda internet arkaly saýlaw proseslerine täsir etme syýasatyngñ dowam etme howpy babatda duýdurdy.
Bular ýaly syýasatlar esasan «demokratiýanyñ astyny köwmek isleýänler üçin esasy strategiýa» öwrüldi.
Gürrüñi gidýän maglumatnamada şübheli birugsat girişleriñ yzarlanýandygy we 2018-nji ýylda derñelen otuz saýlaw prosesiniñ ýigrimi altysynda dünýäniñ dürli ýerlerinde emele gelen dezinformasiýanyñ mehanizmlerini oñlaýandygy mälim edildi.
Waidhýanatanyñ pikiriçe şeýle mediýa platformalary bize «syýasy dialog üçin iñ ýaramaz forumy» berdi. Ýeterlik möçberde jogapkärçilik bilen rasional dialoglar üçin ugur döretmegiñ ýerine duýgulary möçükdirmäge gönükdirilen prowokasion teswirleriñ çap edilýändigine goldanyp, gödekligiñ we kemsidijilikli diliñ ýaýramagyna uly goşant goşdy.
Görnüşinden bu barlagçy mazmunyndaky maglumaty, analizi we pikirleri bilen «sosial tor» saýtlarynyñ jemgyýetçilik çekişme ýagdaýynda artan täsiri hakda entek ir hasaplanjak duýduryşy beripdir. Munuñ özi halkyñ erk-isleglerine täsir etmek bilen bir hatarda, tutumlaryny bozmagyna, döwlet syýasatyna çapraz pozisiýalary almagyna getirip biler.
Emma «sosial mediýa» dünýäsindäki ýyndam üýtgeşmeler bu babatda täze inisiatiwalart getirmekdenem gaýra durmady.
Häzir iñ täzesi – emeli añyñ deñsiz-taýsyz ukyplaryny bu mediýanyñ populýarlyk potensialy we kesgitlu täsiri bilen harmanlaýan täze platforma «Chat GPT».
«Chat GPT»-nyñ emeli añ we sosial mediýa dünýäsine ornaşmagy uzak dowam etmedi. Ol bary-ýogy iki aýyñ dowamynda ýüz milliondan aşýan agzasy bilen rekord görkezijä ýetdi.
Munuñ özi ajaýyp rekord görkezijisi hasaplanýar. Aýratynam bu ulgama gündelik girip-çykýanlaryñ sany diñe ýanwar aýynda bir günde 13 milliona ýetendigi göz öñüne tutulanda, belki-de, populýar garşydaş mediýanyñ hiç birinde şuña meñzeş artyş bolup geçmändigini aýdyp bileris.
Tekstleri, makalalary, goşgulary, hekaýalary ýazmak we ylmy ýumuşlary ýerine ýetirmek boýunça «Chat GPT»-de ýer alan funksiýalaryñ ýany bilen öñündäki mümkinçilikler tebigy taýdan syýasy ulanyşa-da açykdyr.
Munuñ özi «Chat GPT» bilen özgerdiljek «elektron komitetler» mehanizmleri arkaly syýasy arenadaky taryhy zarbany añladýar.

Bu kabul etmäniñ (восприятие) dogrudygy ýa-da düzgüne gabat gelip-gelmeýändigine garamazdab belli syýasy missiýa hyzmat edýän ýüz müñlerçe teswiri ýeke tuş bilen çap edip bilýär.
Täze mediýa dünýäsinde merkezleşýän «Chat GPT» we onuñ täze görnüşleriniñ ýüze çykmagy bilen jemgyýetçilik manipulýatorlary gündelik iş ugurlaryny görlüp-eşdilmedik işjeñlikde we iñ pes çykdajy bilen ýola goýup biler.
Munuñ õzi demokratik döwleti düýpsüz ýalana we manipulýasiýa guýusyna gapgaryp biljek zatdyr.
Dr. Ýasir ABDYLEZIZ.

Sişenbe, 21.02.2023 ý. Publisistika